# Käte dymmaly

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Käte dymmaly KÄTE DYMMALY

Geçdim klawiaturanyň başyna. Nälet okalan, bir ýerde günä bolsa üstüne ýüklenen 2020-nji ýyl barada ýazasym geldi…
Ýok, ýok, ýylyň hronologiýasyny ýazmakçy däl. Şuňa ünsüňizi çekjekdim:
Adamzat hakykat bilen ýüzleşesi gelenok, hemişe bahana gözleýär. Nämemiş, bu ýylyň ähli gabahaty 2020-nji ýyl bolandygy üçinmiş!
Her daýym bolşy ýaly günäli simwollar…
Günäli nyşanlar…
Günäkär – adamzadyň tapan-toslan “zaman” düşünjesi.
“Güm bol, git, 2020!” şeýlemi?
“Ugursyz 2020” şeýlemi?
“Asyl günäkär, tur ýeriňden!” diýip biljek derejedäki mert adamlarymyz diýseň seýrekledi.
Kapitalizmiň süýembarmagy adamlara hemişe bir günäkäri görkezýär.
Kapitalizm ýalaňaç etmişlileri duşman sanmagymyzy gazanyp, özüni gizleýär.
Edil “nikaply balet” oýny mysaly!
Ine… şulary ýazjakdym şugün.
Ýadandygymy duýdum. Elim klawiatura barmady.
Zor salmalara garşy durmakdan bizar-peteňim çykdy. Özümi ýel degirmenlerine garşy söweşen Don Kihot ýaly duýmaga başladym.
Maňa biraz dynç beriň, haýyş edýärin.
Indiki ýylyň başynda gaýtadan duşuşarys.
Hemmäňiziň Täze ýylyňyz düşümli bolsun…
Täze ýyl sowgady hökmünde size meşhur şahyr Jan Ýüjeliň “Ýadawlyk” şygyryny bermek isleýärin:

*“Guşlar bardyr, jana meňzär howada,*
*Sowukda gar, bahar pasly ýaprak deý.*

*Özbaşynda öser ýerde ömrümiz,*
*Güneş bilen ýaşyl elde çyplak deý.*
*Assa gadamlardan başlan ýollary*
*Beýle ýöräp bolmaz, käte durmaly.*
*Erenleñ omzuna inen argynlyk*
*Emaý bilen ýapar gider kitaby.*
*Nepeslerde sürüp giden ömrümiz*
*Aýlap-dolap bir kenarda durmaly.*
*Çörekden, şerapdan zyýat nygmat bar,*
*Beýle ýöräp bolmaz mydam…*
*Käte dymmaly.”*

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.12.2020 ý. Publisistika